# Näzdepe / hekaýa

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 23 января, 2025
Näzdepe / hekaýa NÄZDEPE



*Bamynyň 27 kilometr gaýra gapdalynda, Garagum çölüne giriliýän ýerde Näzdepe diýen çarwa obasy bar. Daşyna sim çekilen bu obada häzir hiç kim ýaşanok. Sebäbi bu obanyň ilaty 1862-nji ýylyň Remezan (Oraza) aýynyň 27-sine, ýagny, Gadyr gijesi keseki ýurtbasarlar tarapyndan gana gark edilipdir. Çagalar, aýallar, garrylar rehimsizlik bilen öldürilipdir. Obada diri galan alty ýüz adamy bolsa, basybalyjylar ýesir edip äkidipdirler. Näzdepe obasy häzir daşyna sim germelen gonamçylyk bolup, onda öldürilen bigünä adamlaryň mazary ýere siňip ýatyr. Ýaşulularymyz merhumlary ýagşylykda ýatlasaň, tirsegine galar diýip aýdýarlar. Bizem şol umyt bilen şu hekaýany ýazdyk.*

***Awtor.***

* * *

"Gapyllykda duşman aldy daşymyz,
Dargatdy her ýana deňi-duşumyz".
Magtymguly.

Ýaz aýynyň gelmegi bilen, Garagum çölem öz keşbini üýtgedip başlady. Ýazyň başlarynda Garagum çölüniň aňňat-aňňat depeleriniň üstünde gijigen gar syrgyny möwç urýardy. Depeleriň arasynda her ýerde-her ýerde kynlyk bilen çykan selçeň, egrem-bugram çerkez-çetileriň, sazaklaryň gyrymsy şahajyklaryny gazaply ýel galgadýardy. Gar bolsa ýerden göge göterilýärdi. Gün guşluk galanda, çala bildirýän sähra ýodasynyň ýaňy eräp ugran garynyň üsti bilen Amanmyrat öz ýegeni Saryjyk bilen eşekli goňşy Kesikburun obasyndan gelýärdi. Eşegiň üstünde gyşyň aňzak sowugynda ýakarlyk çetidir sazagyň guran agaçlary bardy.
Çarwa obasynyň adamlary gyşda ýakjak odunlaryny gündelik getirip, her ýyl gyşdan şeýdip çykýardylar.
— “Haýdaweri eşegim, Näzdepä! Ol ýerde saňa bir gujak otam bererin. Bu ýerler gorkuly. Birden depeleriň aňyrsyndan garakçylar çykyp, seniň eýäňi ýesir eder, seniň bolsa hamyňy boýnuňa ýygrar. Bu ýerden tizräk gideli” diýip, içini gepleden Amanmyrat eşegi haýdadyp barýardy.
Eşegiň üstünde oturan Saryjyk bolsa, dabany bilen eşegi debsileýärdi. Ýaz çykyp, töwerek janlanyp ugrapdy. Onda-munda üýşüp galan iň soňky gar bölekleri ýitelen günüň aşagynda çalt ereýärdi.
Gündogardan sowuk ýel turup, güýçli syrgyn başlandy. Olar oba golaýlanlarynda, itler üýrüp başlady. It üýren ara öýleriň birinden egnine ýasgynjak atan possunyny tutubrak, pessaý ýöräp bir goja çykdy.
— Sag-aman gelýäňizmi, Amanmyrat?! Kesikburun obasyna gideliňiz bäri ýüregimiz suw üstünde galdy. Töwerek-daşyň galagoply bolsa, alada galmanam bolanok. Bir-iki günlükde-de gum içinde bir oba ýagy dökülensoň, siz hakdaky aladamyz has-da artdy. Saryjanam üşetmän alyp gelýäňizmi? Biziň ýaşajyk jarçymyzy beri üşedäýmäweri — diýip, goja kişi olar bilen görüşdi.

Ökjesine düşüp duran gyzyl köýnekli aýal döşündäki kümüş bezegleridir apbasylaryny şaňňyrdadyp, başyna atan öýmesiniň birýan çeti bilen ýüzüni ýapyp, gara öýden howlukmaç çykdy. Ol eşegiň üstünde sowukdan ýaňa gagşap oturan Saryjany düşürdi.
Amanmyrat getiren odunlaryny howlukman, gara öýüň golaýyndaky mal saklanýan ahylyň ýanyna düşürdi. Işlerini birýanýüzli edenden soň, Amanmyrat öýe girdi. Öýüň içi ýylydy. Ortarada birnäçe töňňe tütäp durdy. Dulda, keçäniň üstünde bir adam arkanlygyna ýatyrdy. Iýip, Onuň gara sakgaly, gany gaçyp, nury öçen ýüzi we döşünde gowşurylan elleri onuň indi uzak ýaşamajagyny aýdyp durdy.
Hassanyň üzlem-saplam dem alşy bu ysgynsyz jesetde ýaşaýşyň heniz ajal bilen gazaply göreşýändigini görkezýärdi. Hassanyň aýagujunda kellesi ak telpekli sakgallak adam otyrdy.
– Essalawmaleýkim! – diýip, Amanmyrat öýdäkiler bilen görüşdi-de, syrkawyň golaýynda, keçäniň üstünde oturdy. Gözlerine çenli bürenen aýaly ýuwaşlyk bilen gelip, onuň aýagyndaky öl-myžžyk bolan gara ädigini çekip çykardy. Amanmyrat egri gylyjyny bilinden aýyrdy-da, donuny hem çykaryp, aýalyna uzatdy.
– Ýeri, Amanmyrat, Kesikburun obasynda ýagdaý neneň?! Ýa-da o ýerleriň ýagdaýam biziňkiden öwerlik dälmi? – diýip, Söýünnazar batyr oňa ýüzlendi.
Amanmyrat sowukdan ýaňa üşän ellerini oda tutup oturyşyna:
– Kesikburnuň adamlary köp salam aýtdylar. Ýöne ol ýerde-de asudalyk ýok. Oba ýaşulular az öýli bolup ýaşamaga çekinip, bizi Näzdepe obamyza göçüp gelmek hyýallarynyň bardygyny aýtdylar – diýip, oturanlara birlaý seredip çykdy. Hemmeleriň nazary hassadady.
Hassa tisginjek ýaly etdi. Onuň başyny çalaja galdyryp, agzyna bir-iki suw berdiler. Hassa käsedäki suwy göwünli-göwünsiz owurtlady-da, üzlem-saplam äheňde içki pikirini daşyna çykardy:
– Niçik zamanlar boldy, janlarym. Magtymgulynyň: “Ertiri şat bolanlar öýlän gülmedi” diýen döwrüniň soňy haçan gutararka?! Tire-taýpalarymyzyň ünji-aladasyz ýaşajak zamany haçan gelerkä? Haçana çenli öz ýurduňda ýagydan gorkup ýaşamalyka?

Eý, Allam! Meniň asuda, dynçlyk söýýän ilime özüň garaşyk etdä!
Hassa bu sözleri zordan aýtdy-da, essi aýylan ýüzüni aşak sallady, onuň dodagynyň bir çeti gorkudan hem gahardan ýaňa titräp gitdi.
-Biziň hasratly dünýämizden gitjek bolup, ol iňňildäp ýatan kim? – diýip, Amanmyrat ýanynda oturan Söýünnazar batyrdan sorady.
– Muny garakçylar ýaralapdyr – diýip, Söýünnazar batyr düşündirdi.
– Bu ganym duşmanyň işidir. Siz bu bendäniň nireden hem kimlerdendigini beri bildiňizmi?
– Onuň adyna Mürrük Aňkar diýýärler. Ol goňşy obada Hojalynyň oýunda ýaşaýar. Men olara telim gezek myhmanam bolupdym. Olar bütin oba bolup, ýurtlaryny täzelemek maksady bilen, göçmäge hyýallanyp ýörkäler, üstlerine duýdansyz ýagy dökülipdir. Deň bolmadyk söweşde garakçylar obadaky garşylyk görkezäýjek ýigitleri tutup,öldürenini öldürip, garrylary, aýallary, çagalary hem atlarynyň öňüne düşürip, ýesir edip äkidipdirler. Mürrük Aňkara bolsa şol ýesirlikden gaçmak başardypdyr. Ol bir gün aç-suwsuz ýöräp, düýn agşamaralar biziň obamyza gelipdir. Obanyň golaýynda özünden gidip ýykylan eken. Oba itleriniň çirkin üýrmelerine geň galyp, olaryň ýanyna barsak, ine, şu hassanyň ýykylyp ýatanyny gördük – diýip, Söýünnazar batyr Mürrük Aňkaryň başyna düşen wakany düşündirdi.
– Hawa, obadaşlar! – diýip, ol uludan demini aldy. Ara içgysdyryjy ümsümlik düşdi. Amanmyrat ep-esli wagtlap dymyp oturandan soň, ýaňky soragyny ýene gaýtalady:
– Kesikburun obasynyň adamlarynyň haýyşlaryny neneň görýäňiz? Eger biz razy bolsak, onda ertirden gijä galman, şol oba çapar ibermeli.
Her kim öz pikirini aýtdy. Gezek Allaberdi şahyra ýetende ol:
– Az öýli Kesikburun obasynyň adamlary bizi penalap gelmek islese, goý, gelsinler. Sebäbi häzirki galagoply zamanda bir kiçi obada az öýli bolup ýaşamak olar üçin has-da howply, hatarly. Ýöne olara gelen kararymyzy mälim etmek üçin ýörite adam iberip ýörmegiň geregi ýok. Olar sesýetim golaýda

ýaşaýarlar ahyryn. Olara bu habary eşitdirmäge jarçymyz Sary jan bar ahyryn – diýip gürrüňini jemledi.
Oturanlar makullaýjy äheňde baş atdylar. Amanmyrat öz ýegeni Sarynyň obada jarçylyk edip, telim gezek Näzdepe obasynyň adamlaryny ýagynyň gelmeginden öň göçmäge kömek edendigini bilýärdi.
Näzdepe obasynyň adamlary oba duşman çozjak habaryny eşiden mahallary goňşy Kesikburun, Hojaly obalaryna-da habar ýetirmek üçin, ýedi ýaşlyja Saryny Näziň depeleriniň birine çykaryp:
– Ýow gelýändir-le how! Gaçyň how! Göçüň how! Ýow geljekdir-le how! – diýip gygyrdardylar.
Ýaşajyk Sarynyň tapylgysyzdan täsin, ýiti sesini eşiden çarwa obasynyň adamlary ýowdan goranmagyň aladasyny ederdiler. Ine, şeýdibem, Amanmyradyň ýegeni Sary özüniň uzaklara ýetýän sesi bilen töwerekdäki çarwa obalaryny-da halas ederdi. Il-ulusa gan ýuwutdyrmak, ogul olja, gyz ýesir etmek üçin ýaman niýet bilen gelen duşman boş obalar gelip, ahmyrly yzyna öwrülerdi. Çarwa obalaryň saýlama batyr ýigitleri ýaman niýet bilen gelen obalaryny talamaga gelen duşmany yzarlap, gaça-kowa döwüş gurap, olary uç-gyraksyz sährada gelenine puşman etdirerdiler.
Söýünnazar batyr Allaberdi şahyra degişme äheňinde:
– Hany sen biziň bilbil owazly oglumyz Sary jany goşgy bilen taryp etjek diýýädiň-le? – diýdi.
Allaberdi şahyr töweregine uly buýsanç bilen göz aýlady-da. Näzdepe obasynyň ýaşajyk jarçysy Saryny goşgy setirlerinde wasp etmäge başlady:

Il-günümiň guwanjy,
Saýra bilbil, Sary jan!
Gapyl obaň daýanjy,
Saýra bilbil, Sary jan!

Çykdyň Näziň başyna,
Nagra çekdiň daşyňa,
“Durmaň” diýdiň hoşuna,
Saýra bilbil, Sary jan!

Habar berdiň, dertleri,

Aljyratdyň gurtlary,
Täzeletdiň ýurtlary,
Saýra bilbil, Sary jan!

Balam ýedi ýaşynda,
Rehmet nury gaşynda,
Paý berildi düýşünde,
Saýra bilbil, Sary jan!

Adyň gezsin illerde,
Dessan bolsun dillerder,
Hydyr gezen çöllerde,
Saýra bilbil, Sary jan!

Bagtly bolsun başlaryň,
Şowly bolsun işleriň,
Uzyn bolsun ýaşlaryň,
Saýra bilbil, Sary jan!

Aslyň seniň ýagşydyr,
Atаň-babaň bagşydyr,
Aýdym-sazyň nagşydyr,
Saýra bilbil, Sary jan!

Amanmyrat daýyňdyr,
Akyş-hormat paýyňdyr,
Meger, jennet jaýyňdyr,
Saýra bilbil, Sary jan!

Zülpükarym golumda,
Jöwher pyçak bilimde,
Azdyr söýsem dilimde,
Saýra bilbil, Sary jan!

Allaberdi sözlemiş,
Duşmanlary gözlemiş,
Ganymyny yzlamyş,
Saýra bilbil, Sary jan!

Allaberdi şahyr "Sary jan" diýen goşgusyny okap boldy-da:
– Ine, obadaşlar! Meniň Sary jana bagyşlap ýazan goşgymyň ilkinji diňleýjileri-de siz bolduňyz! – diýdi. Hemmeler Allaberdi şahyry täze goşgy bilen gutladylar. Hatda demini sanap ýatan Mürrük Aňkar hem:
– Men seniň adyňy eşidýärdim, Allaberdi! Asyl sen-ä il-günüň guwanjy bolan şahyr ekeniň-ä. Bu goşgyň bilen meniňem hassa göwräme güýç-gaýrat berdiň. Sag bol, Allaberdi şahyr! – diýip, oňa bolan minnetdarlygyny bildirdi.
Amanmyrat şondan soň Söýünnazar batyr bilen Näzdepäniň hany Mämmetguly hanyň ýanyna barmakçydygyny aýdyp, ýerinden turdy. Daş işikde ojagyň üstünde ullakan çoýun gazan gaýnaýardy, onuň beýle ýanynda, gary eräp öl bolan ýerde sal-sal eşikli ysgyndan gaçan dört sany ýesir otyrdy. Olaryň hemmesiniň eli arkasyna daňlypdyr, boýunlaryna ýüp salnyp, ýüpleriniň ujy bir urgana berkidilipdir.
Ýesirleriň beýle ýanynda boýny kümüş dogabagly, owadan mele at durdy. Dört ýesir bilen şol mele aty Söýünnazar batyr ýakynda obany talamaga gelen garakçylara garşy göreşde olja alypdy.

* * *

Töwerekdäki beýleki depelerden aýyl-saýyl tapawutlanyp, ýaz aýlarynda özüniň täsin owadanlygy bilen al-ýaşyl öwüsýän bu depäniň adyna adamlar Näzdepe diýerdiler.
Togsan dolup, ýere ýyly gidipdi-de, bireýýäm külli älemiň sansyz-sajaksyz ot-çöpüdir gül-güläleklerine jan giripdi. Näzdepe obasynyň töweregi-de gök-ýaşyl mahmal dona bürenipdi. Näzdepäniň aňyrsyna-bärsine gözýetmez giň giden sonarlyk meýdanlary, çemenzarlyklarydyr depe-düzleri ynsan kalbyny heýjana getiriji ajap görnüşe gelipdi.
Ýaşyl ýaýlalar, maýsaly meýdanlar, ýapragy gürelen selindir sazakly, çetili jeňňelik başyny bahar şemalyna yraýardy. Näzdepäniň ileri çetindäki gara öýleriň birinden çykyp, gözel görnüşi esli wagtlap synlap duran Söýünnazar batyr öz ýanyndan içini gepletdi-de:
– Meniň mähriban dogduk depäm, Näzdepäm! Ýurt kemiň ýok.

Arassa howaňa, gözel tebigatyňa, gurban bolaýyn! – diýip, çalaja seslendi.
Bu mahal ýakynda Näzdepe obasyny penalap, bu ýere göçüp gelen Kesikburun obasynyň adamlary özlerine ýaşar ýaly öý gurmak bilen gümrady. Hassalykdan aýňalyşýan Mürrük Aňkar hem täze göçüp gelenlere, aýratynam ýaşlara öý gurmak işinde başardygyndan maslahat berýärdi.
Çörek bişirilýän tamdyrlaryň töwereginde şadyýan bökjekleşýän çagalaryň sesi töwerege ýaň berýärdi. Olaryň içinde Saryjyk hem bardy. Çagalar uzyn çybyklardan at edinip, eýläk-beýläk ýüwürýärdiler. Olaryň käbiri elindäki çybygy gylyç kimin eýläk-beýläk galgadyp:
– Öňe! – diýip gygyryşýardy.
Töwerege saýa berip oturan sazakdyr çetileriň kölegesinde saýalap oturan oba gyzlary özleriniň owazly sesleri bilen läle kakýardylar:

Depä çykasym gelýär,
Desse bogasym gelýär,
Desse boýly, jan jora!
Seni göresim gelýär.

Ilerimiz dagmydyr,
Üsti keçe bagmydyr.
Uçup barýan ak guşlar,
Meniň joram sagmydyr?

Obadan uzak bolmadyk ýerde goýun bakyp ýören çopanyň gargy tüýdüginiň sesi bolsa, gyzlaryň lälelerine goşulyp, täsin bir mukam döredýärdi.
Näzdepeli Pürli bagşynyň Yzgant obasyna toýa gidendigine esli wagt bolupdy. Meşhur bagşy bu gün alaşasyny debsiläp, Näzdepe obasyna öz gyjakçysy bilen gelýärdi.
Bu mahal Pürli bagşy öz ýanyndan pikir ýüwürýärdi: “Öýden çykanyma bir hepde boldy. Mahal-mahal öýden çykyp, toýlara çagyrylyp ýörmäm bilen Sary jan häzir-häzirlerem öwrenişip bilenok. Onuň ýaňy ýedi ýaşy doldy. Onuň häzir tüýs ata mährinden ganmaly wagty. Öýden çykamda-da tizräk gelmegimi

sargapdy”. Näzdepäniň alkymyndaky depeden inende, Pürli bagşynyň gelýänini ilki bilen Saryjyk gördi. Ol: “Kaka, kaka! Kakam gelýär” diýip, kakasyna tarap aýagaldygyna ylgaýardy. Bagşy alaşasyndan düşdi-de, ylgap gelen oguljygyny bagryna basdy, soňam ony alaşasyna mündürip, özi aty idekläp ugrady.

– Kaka, maňa-da saz çalmagy öwredäý-dä! Her gezek ynha, öwrederin, ynha, öwrederin diýip ýörsüň-le!

– Hökman öwrederin, oglum! Şu gezek men Yzgant obasynda bolamda, Kel bagşy bilen tanyşdym. Ol saz senedinde juda meşhur adam eken. Ynha, agşam çaý başynda saňa ol hakda gürrüňem bererin. Kel bagşynyň özem biziňkä geler. Men şonda meşhur bagşy bilen seni tanyşdyraryn – diýdi-de, Pürli bagşy alaşanyň eýerinden berk ýapyşyp oturan ogluna seretdi.

Pürli bagşy golaýlanda, onuň öňünden Amanmyrat hem-de obadaşlary çykdy. Şol gün agşam bagşy aýdym-sazyň ölemen aşyklary bolan obadaşlaryna gijäniň bir wagtyna çenli hezil berdi. Saryja bolsa tä obadaşlary dargaýança ýatman, kakasynyň aýdymlaryny gulaga öwrülip diňledi.

Asuda ýaşamak isleýän Näzdepe obasynyň adamlary bu mahallar özlerine tarap ganly penjesini uzadýan bet niýetli duşmanyň pikirinden bihabardy.

Halk hiç haçan biri-biri bilen duşman bolmaýar. Halky halka duşman edýän, biri-birine öjükdirýän mydama öz bähbidine çapýan hanlar, begler, hökümdarlar bolupdyrlar.

Eýsem daýhan bilen Näzdepede mal bakyp ýören çopanyň arasynda nähili duşmançylyk, niçiksi agzalalyk bolsun?! Ýöne hanlara, beglere, hökümdarlara gulak salynsa welin…

* * *

…Näzdepe obasyna, Pürli bagşynyň öýüne bu gün üýtgeşik üç myhman geldi. Biriniň arkasynda dutary, beýlekisiniň arkasynda gyjagy. Üçünjisi ýaş ýigdekçedi. Megerem, meşhur bagşynyň ýoldaşy bolsa gerek.

– Hä, Kel bagşy, asyl bu sizmidiňiz? Nähili Yzgant illeri? Sag-aman geldiňizmi? Obalar saglykmy?

– Şükür, öý-içerileriňiz saglykmy? – diýip, Kel bagşy Pürli

bagşydan hal-ahwal soraşdy.
Olar çaý başynda ondan-mundan gürrüň etdiler. Söhbetiň ahyry sazyň gürrüňine syrykdy.
– Kel bagşy diýýän-ä! Meniň şujagaz oglumam obamyyzyň jarçysy bolup hezi;l berýär. Ol aýdym-saza-da juda höwesek. Käýarym meniň dutarymy alyp, ony-muny çaljag-a bolýar.
Kel bagşy:
– Gaty gowy, özi höwesgär bolsa, oňat sesi bolsa, oňa dutar çalmany öwretmäň işi haýyr. Arada şu ogluň hakda maňa Yzganda baraňda gürrüňem beripdiň. Menem şujagaz dutaram Sary jana niýetläp, ýörite alyp geldim. Ony şojagaz oglana berjek! – diýende Saryjygyň kalbynda möwç urýan şatlygyň çägi ýokdy.
Pürli aga Kel bagşynyň beren sowgadyny Sara uzatdy-da:
– Me, oglum, indi bize başardygyndanbir-iki heň çalypo ber-dä! – diýdi.
Saryjyk çekinjeňlik bilen dutary bagryna basdy, soňam öz daýysy Amanmyratdan heniz doly öwrenip ýetşmedik “Saltyklary” çalmaga başlady. Kel bagşy çepiksije oglanyň barmaklaryna ýiti-ýiti seretdi-de, oňa göwni ýetdi. Ýöne ýaşajyk Saryjyk häzir aljyraman duranokdy. Ol käbir saz öwrümlerinde “büdreýärdi”.
– Sakgaldaş diýýän-ä?! Asyl, seniň bujagazyň-a, tüweleme, bir-ýarym heňi eýýäm öwrenipdirem. Indi galanam, näme, biziň bilen – diýip, Kel bagşy geljekki şägirdine seredip ýylgyrdy.
Şol gün agşamdan ir sähere çenli näzdepeliler Kel bagşynyň şirin owazyny teşnelik bilen diňlediler.
…Bu gün duşman hany öz jansyzlarynyň beren habaryny diňledi. Şol habara görä-de parahat ilatyň üstüne çozmak üçin özüniň emeldarlaryny jemläp, geňeş geçirýärdi…
Mämmetguly han ol gün Näzdepe obasyndan gidende obany gorar ýaly az nöker goýup, oňa ýolbaşçylyk etmegi Söýünnazar batyra tabşyrypdy. Şeýle pursady elden bermejek bolup, duşman hany uly goşuny gyssagly ýola saldy.
Han olara:
– Alla ýaryňyz! Ýeňiş bilen dolanyp geliň – diýip, baş ymamynyň pata bermeginde geňeş maslahatyny jemledi. Ýörişe gitjek goşunyň ýolbaşçylarynyň hemmesi ellerini döşlerinde

gowşuryp, gezekme-gezegine kiçijik ädimler bilern onuň ýanyna baryp, han donunyň etegine maňlaýlaryny degrip yza çekilýärdiler. Olar howlukmaçlyk bilen han köşgünen çykdylar.
Goşuna umumy ýolbaşçylyk edýän serkerde kellesi ýaldyrap duran zerli ak ýüpek börüklidi, ol bol altyn bezegli göwüslek ak atyň üstünde arkaýyn otyrdy. Serkerdäniň gyzgylt ýüpek dony, gymmat bahaly göwherler bilen bezelen guşagy we ak atynyň bezegleri günüň nuruna lowurdaýardy. Ýöne onuň ýüzündäki selçeňräk çykan sakgaly bigörk görkezýärdi.
– Gulak asyň, nökerler! – diýip, ol uly goşuna ýüzlendi. – Biziň duşmanlarymyzy talamak, çapmak üçin mundan amatly pursat ýok. Şoňa görä, men Dykma serdary derbi-dagyn edýänçäm we naýzamyň ujuny olaryň ganyna çümdürip ynjalýançam, bu niýetimden el çekmerin.
– Seniň güýçli eliň niräni görkezse, biziň hemmämiz şol tarapa atlarymyzy gönükdireris – diýip, goşundan başly-baratly sesler çykdy.
Şondan soň duşman hanynyň gala derwezesi iki ýanlaýyn açyldy we ondan han goşunlary elleri ýaragly, goşa-goşadan çykyp ugradylar. Ep-esli goşun ot belasy ýaly bolup dagdyr düzi, jülgedir guzaýlary söküp, ýol ýöränsden soň, Ahal iline golaýlaşdy.
Duşman serkerdesi çarwa obasyny talamagy gijäniň tüm garaňkylygynda amala aşyrmak üçin özüniň goşun çekip, bu ýerlere gelýändigini hiç kime bildirmezlik maksady bilen, goşuny diňe gije ýöredýärdi. Gündiz bolsa olar çuň jülgelerde gizlenýärdiler.
Goşun Bamy düzlügine golaýlanda, çarwa çopanlar duşman goşunlarynyň Näzdepe obasyna tarap barýandygyny gördi. Olar ýagynyň golaýlap gelýändigini näzdepelilere duýdurmak üçin atlandylar. Emma olary duşman serkerdesiniň nökerleri ele saldylar. Gijäniň gözedürtme garaňkylygynda duşman nökerleri Näzdepe obasynyň çetinden girdiler. Oba ilatynyň köpüsi süýji ukuda ýatyrdy. Bu gije Gadyr gijesidi. Diňe käbir öýlerde ölügsije çyralaryň ýagtysy görünýärdi. Ýagynyň golaý gelendigini aňan oba itleri uzyn-uzyn uwlaşyp, süýji ukuda ýatanlary oýarmak isleýärdi.

Gadyr gijesine oturan öýlerden bir gyz itleriň bu sesine geň galyp, daş çykdy.
– Dat, başymyza ahyrzaman indi! – diýip, ol gyz uly sesine bat berip gygyrdy. Onuň bu sesini Gadyr gijesine oturan goňşy öýlerden adamlar eşidip, howlukmaçlyk bilen gapa çykdylar. Töwerek-daşy ala zenzele gurşap aldy. Bu duýdansyz ýagy çozandygynyň alamaty bolup ýaňlandy.
Duşman nökerleriniň bir bölegi obanyň daşyna halkalaýyn aýlandy, beýleki bir topary bolsa öýleri otlap başlady.
Obany goramaga Söýünnazar batyr ýolbaşçylyk edýärdi.
Duýdansyz üsti basylan adamlaryň içinden olar gijäniň garaňkylygyndan peýdalanyp aýallary, garrylary, çagalaryu howpsuz ýere göçürmeli diýen karara geldiler.
Ýöne duşman halkasynyň berkidilmegi bilen, olara bu işi etmek kynlaşdy. Şonuň üçin olar duşman garpyşyga girdiler. Kimler gylyçly, kimler hanjarly, pyçakly, kimler ujuna gyrkylytk daňlan taýakly, kimler hyrly tüpeňli duşmana garşy söweşýärdi. Söýünnazar batyr garpyşykda öň hatarda söweşýärdi.
– Ýeňsek, şöhrata besleneris, ölsek, hak işimiz üçin jennete bararys. Ruhdan düşmäň, obadaşlar! – diýip, ol söweşýän ýigitleri ruhlandyrýardy.
Halk öz duşmanyna ýolbars kimin daraýardy. Gijäniň garaňkylygynda “Al-l-l-la! Ýa Al-l-l-la!” diýen çagyryş sesleri müňlerçe bogazdan batly çykýardy. Gijäniň garaňkylygy ahy-nala goşulyp çykýan seslerden doldy. Söweşijiler ylgap baryşlaryna, duşman nökerlerini atlaryndan agdaryp, olary ýok edýärdiler. Olaryň kä sessiz, kä “ah”, “oh”, “wah”, “waý” bilen uzyndan iňňildäp gygyryp ýykylýanam bardy.
Kim nirede – ýaralymy, ölümi – saýgarjak gümanyň ýokdy. Ýöne şonda-da dirileriň ümzügi öňedi.
Mürrük Aňkar elindäki gylyjy bilen duşman nökerleriniň ikisiniň läşini serdi. Şol wagt ýagyrnysyndan degen agyr urgy ony ýere ýazdy.
Söýünnazar batyr daýaw göwresi bilen ýalaw ýaly gylyjyny galgadyp, galtamanlaryň birnäçesini gylyçdan geçirdi. Ol sowukganlylyk bilen dor atynyň jylawyny duşman nökerleriniň köp ýerine urdy. Duýdansyz degen gülle dag ýaly daýaw,

pälwansypat ýigidi dor atdan agdardy. Söýünnazar baytra gözi düşen Allaberdi şahyrserpmeden gaýdan ýaly bolup, onuň ýanyna geldi.
Emaý bilen onuň başyny ýerden göterdi. Emma onuň ýeňsesinden degen duşman güllesinden akýan gan ony barha ejizledýärdi.
– Dogan jan! Biz ýeňdik, duşman ökjäni göterip gaçyp başlady – diýip, Allaberdi şahyr essi aýylyp barýan Söýünnazaryň göwnüni göteremek isledi. Emma Söýünnazar batyr bu sözleri eşitmedi. Sebäbi ol eýýäm amanadyny tabşyrypdy. Soňabaka söweşýänleriň hatary seýrekläp başlady. Bu mahal eýýäm şapak gyzaryp, daň atyp, jahan ýagtylyp başlady.
El-aýaklary zynjyrly ýesir alnan aýallaryň, garrylaryň, çagalaryň, ýigitleriň ýanynda sakçylar gezmeläp ýördüler. Ýesir alnan bir goja ysgyndan gaçyp, essi aýylyp ýykyldy. Ony jellatlar ýenjip turuzdylar. Töweregindäki beýleki ýesirler goja söýget bolup durdular. Şol mahal ýesirleriň içinden:
– Nejisler, siz hudaýyňyzdan taparsyňyz! Biz size näme ýamanlyk etdik – diýçip, eli-aýagy zynjyrly bir ýigit gygyrdy.
Duşman serkerdesi ony elindäki gamçysy bilen saýgylap, hatardan çykardy.
– Ana, bu saňa ýaňkyja şerebelije sözüň üçin – diýip, duşman serkerdesi ulumsylyk bilen ýesirlere seretdi.
Ýesirleriň arasynda uly eňşeşik başlandy. Bu ýagdaýy synlamakdan ejiz gelýän ýaly, Gün hem bulutlaryň aňyrsynda gizlendi. Asmanda gara bulutlar peýda bolup, ýagyş damjalap başlady.
Doňýürek jellatlaryň edýän bu işlerine tebigat hem döz gelip bilmän, ýesirleriň ahy-nalasyna asmandan gaýdýan ýagyş damjalaryny barha güýçlendirýärdi.
Uly eňşeşik we ahy-nala bilen eli-aýagy zynjyrlanan ýesirler ýat ülkä tarap ýola düşdüler. Duşman nökerleri molaşýan sygyrlary, zaryn mäleşýän dowarlary hem gamçy bilen saýgylap ýola saldylar.
Ol gün diňe haýkylyk, iňňildi, öz atalaryndan, ärlerinden we doganlaryndan hemişelik aýra düşýän aýallaryň, çaga-çugalaryň agysy, it sesleriniň uzyndan-uzyn uwwuldysy eşidilýärdi.

* * *

Näzdepedäki ganly wakadan bir gün geçenden soň, bu oba salnan talaňy eşidip, oba hany Mämmetguly han bilen Ahal hany Nurberdi han öz nökerleri bilen geldiler. Emma indi giçdi. Ýesirler eýýäm äkidilipdi. Mämmetguly han, Amanmyrat, mahlasy, oba talananda, bu ýerde bolup bilmedik näzdepeli ýigitler bu ýagdaýa wagty bilen köşeşip bilmediler.
— Han aga! “Arym köýenden imanym köýsün” diýipdirler. Maňa kowga baş bolup, oba ýigitleri bilen gitmäge rugsat ber — diýip, ýüz-gözi gahardan ýaňa garaört bolan Amanmyrat Mämmetguly hana ýüzlendi. Mämmetguly han “Näme etsekkäk?!” diýen manyda Nurberdi hana seretdi.
Uzyn boýly, süňkbaşy iri, eginlek, süýrüden uly kelleli, tüňňüräk maňlaýy ýaýbaň, göniburunly, garasy köpräk goýun gözli, gaşlagrak, bugdaýreňk gyzgylt ýüzli, az ygtykatly, nebsinden ynsaby ýokary, rehimli hem gazaply, giň ýürekli, gahar-gazabyna erk edip bilýän akyl-paýhasly, söweş syýasatyndan başy çykýan, berk bedenli, sabyr-kanagatly Nurberdi hanyň Ahal ilinde uly abraýy bardy. Köp maslahatlar onuň pähim-paýhasy bilen çözülýärdi.
— Wepat bolanlary adatymyz bilen jaýlalyň, ar almaga bolsa, heran-haçanam wagt tapylar. Mazarystanlyga öwrülen obanyň daşyny bekläp, galan ilat bilen Köpetdagy Bamy düzlüginiň ilersindäki Teke mor jülgesine göçmeli — diýip, Nurberdi han agras nazaryny Mämmetguly hana dikdi.
Talaň salnan Näzdepe obasyny tanar ýaly däldi. Öýler jellatlar tarapyndan otlanyp, obanyň içinde aýak basan ýeriň ölen adamlaryň jesetlerinden doludy.
Wepat bolanlary jaýlap ýörkäler, kimdir biri: “Bärii, bärik geliň!” diýip gygyrdy.
Hemmeler şol ýere tarap gitdi. Ol ýerde çala jan biri iňňildäp ýatyrdy.
-Be, bu Allaberdi şahyr ýaly-la — diýip, Amanmyrat ony derrew tanady. Horukmadan ýaňa ýüzüniň nury öçüşen Allaberdi şahyr iňňildäp ýatyrdy. Amanmyrat emaý bilen şahyryň başyny galdyryp, oňa suw berdi, maňlaýyny çyg mata bilen süpürdi.

– Hany, obadaşlarym, hany olar? – diýip, Allaberdi şahyr essi aýylyp durşuna, Amanmyrada seretdi. Amanmyrat şahyra näme diýjegini bilmedi-de, ozalam zordan saklanyp durşuna, horkuldap aglamaga başlady. Ýagdaýa sessiz düşünen Allaberdi şahyr töweregindäkilere başga hiç zat diýmedi. Şahyr az salymdan özüni dürsedi. Hakydasynda nämeleriň bolandygyny birin-birin ýatlady. Ol nazaryny ýanyp duran Näzdepe obasyna dikdi…

Ýagdaýyň çekip-çydardan kyndygyna, oňa ynsan balasynyň döz gelip bilmejekdigine Nurberdi han hem düşündi. Onuň özem donunyň ýeňi bilen ýüzünden syrygýan ýaş düwmelerini süpürýärdi.

– Gijäniň tümünde duşman bilen bolan söweşde obamyzyň batyr ýigitleri çagalaryň, garrylaryň, aýallaryň birnäçesini obanyň golaýyndaky Sazakly köwe äkitdiler. Şolardan bir habar tutuň! – diýip, Allaberdi şahyr Mämmetguly hana ýüzlendi. Mämmetguly han öz nökerlerinden we Nurberdi hanyň nökerlerinden alyp, Sazakly köwe tarap ýola düşmegi Amanmyrada buýurdy.

Gorkudan hem howsaladan ýaňa Sazakly köwde galpyldaşyp oturan garrylaryň, çagalaryň, aýallaryň ýanyna nökerler baranda, olar ýene ýagy belasyna duşdukmykak diýip, uly eňşeşik bilen gaçyp başladylar!

– Eziz obadaşlarym! Bu men Amanmyrat ahyry – diýip, Amanmyradyň gygyrýan tanyş sesini eşidipm, olar birneme köşeşdiler. Azat edilenler ýigrimi töweregi adamdy. Olaryň arasynda ýedi ýaşlyja Sary hem bardy. Şol mahalky ýedi ýaşlyja oglanjyk soň uly bagşy bolup ýetişdi. Sary bagşy bütin ömrüni Näzdepede ar-namys diýip başyny goýan gerçekleri wasp edip geldi. Ol Allaberdi şahyryň “Näzdepe” goşgusyny aýdym edip aýdanda sesi hasam hasratly çykardy. Nätanyş obalardaky toýlarda aýdym aýdanda bagşydan bu ýagdaýyň syry soralanda, ol:

– Näzdepedäki şol jebri-jepanyň öz gerdenimden geçeni üçin aglaýan – diýerdi. Dert çeken adam özgänuň derdine tiz düşünýär ahyryn.

* * *

Näzdepäniň çapylmagy duşman hanyny ömrüniň ahyrlarynda gynap gezdi. Günäsiz öldürilen garrylar, çagalar, aýallar, ýurt söküp getirilen näzdepeli ýesirler göz öňüne gelende, hanyň gorkudan ýaňa kalbynda uly alada döreýärdi. Şol gynamalardan kesel tapynyp, uzak wagt geçmänem öldi.
Duşman hanyny öz erkine goýman, gynan zat onuň Dykma serdaryň obasyny talajak bolup, ýalňyşlyk bilen bigünä çarwa obasy Näzdepäni gana çaýkamagydy.

Allamyrat SARYÝEW. Taryhy proza